THE ASHGABAT TIMES

# MERKEZI AZIÝA DÖWLETLERINIŇ WE KOREÝA RESPUBLIKASYNYŇ PARLAMENT ÝOLBAŞÇYLARYNYŇ IKINJI DUŞUŞYGYNYŇ ÇÄKLERINDE TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ BAŞLYGY D.GULMANOWANYŇ GAZAGYSTAN RESPUBLIKASYNYŇ PARLAMENTINIŇ MAJLISINIŇ BAŞLYGY BILEN IKITARAPLAÝYN DUŞUŞYGY GEÇIRILDI

2024-nji ýylyň 14-nji oktýabrynda Merkezi Aziýa döwletleriniň we Koreýa Respublikasynyň Parlament ýolbaşçylarynyň ikinji duşuşygynyň çäklerinde Türkmenistanyň Mejlisiniň Başlygy D.Gulmanowa bilen Gazagystan Respublikasynyň Parlamentiniň Majlisiniň Başlygy Ýerlan Koşanowyň arasynda iki ýurduň wekiliýet agzalarynyň gatnaşmagynda duşuşyk geçirildi.

Duşuşykda iki dostlukly ýurtlaryň arasyndaky özara hormat goýmak, deňhukuklylyk we hoşniýetlilik ýörelgelerine esaslanýan hyzmatdaşlygy giňeltmek babatynda pikir alşyldy. Taraplar ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň möhüm ugry bolup durýan parlamentara hyzmatdaşlygyň täze derejä çykýandygyny we işjeň häsiýete eýe bolýandygyny kanagatlanma bilen bellediler.

Söhbetdeşler türkmen-gazak gatnaşyklarynyň häzirki ýagdaýy, ony ösdürmegiň geljegi baradaky pikir alyşmalaryň dowamynda syýasy-diplomatik, söwda-ykdysady, medeni-ynsanperwer ulgamlarda hyzmatdaşlygy giňeltmek üçin uly mümkinçilikleriň bardygyny bellediler.

Все права защищены

save pdf date >>> 23.11.2024